# Türkmenistanyň Prezidentiniň Ýewropa Geňeşiniň Başlygy bilen duşuşygy

«Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmak maksady bilen Özbegistan Respublikasynda iş saparynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýewropa Geňeşiniň Başlygy Antonio Koşta bilen duşuşdy.

Döwlet Baştutanymyz hem-de Ýewropa Geňeşiniň Başlygy sammitiň çäklerinde duşuşmaga hem-de özara hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljegi barada pikir alyşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirdiler. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ulag-kommunikasiýa ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini belläp, bu duşuşygyň ÝB bilen köptaraplaýyn gatnaşyklary has-da giňeltmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, soňky ýyllarda ýurdumyz bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky gatnaşyklar syýasy-diplomatik ugurda has işjeň häsiýeti bilen tapawutlanýar. «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki gatnaşyklar munuň aýdyň mysalydyr. Ýewropa Geňeşiniň Başlygy ýakynda Merkezi Aziýa döwletleriniň we Ýewropa Bileleşiginiň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň Aşgabatda geçirilen duşuşygynyň ähmiýetini belläp, ýokary derejeli bu çäreleriň iki sebitiň arasyndaky köpugurly, uzak möhletli hyzmatdaşlygy yzygiderli ilerletmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, Merkezi Aziýa döwletleriniň mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, Ýewropa Bileleşigi bilen netijeli we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmegiň sebit üçin möhüm ähmiýeti nygtaldy.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň sebitiň ýurtlary hem-de abraýly halkara guramalar bilen bilelikde geljegi uly Demirgazyk — Günorta we Gündogar — Günbatar ulag geçelgelerini işjeň ösdürýändigini belläp, şol geçelgeleriň Ýewraziýa yklymynyň ýurtlarynyň arasynda hyzmatdaşlygy, söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde ygtybarly köpri boljakdygyna ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz paýtagtymyz Aşgabatda Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasyna laýyklykda, 2025-nji ýylyň “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýlip yglan edilmegi mynasybetli, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna gabatlanyp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň wekilçilikli forumynyň geçiriljekdigini aýtdy we Ýewropa Geňeşiniň Başlygy Antonio Koştany bu foruma gatnaşmaga çagyrdy. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlyga ýokary baha berýändigini aýdyp, ýurdumyzyň netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Ýewropa

Все права защищены

Geňeşiniň Başlygy Antonio Koşta birek-birege berk jan saglyk, abadançylyk, alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdiler.

Все права защищены